# Görmegeý maşgala / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Görmegeý maşgala / hekaýa GÖRMEGEÝ MAŞGALA




Awgustyň iň soňky günleridi. Günüň daglaryň aňyrsyna duwlanmagy bilen howa jana aram beriji salkynlyk aralaşdy. Şäherliler agşam seýline çykypdylar. Gün geçirmez daragtlary hatar-hatar bolup oturan Azatlyk prospektiniňň ugrunda biri-birine intizar bakyşyp barýan ýaş juwanlar, eli bäbekli gelinler, ençeme çarşenbeleri garşylap-ugradan garrylar ýeriň gaýmagy bozulaýmasyn diýýän ýaly assa ädim urşup, eýlä-beýläk geçýärdiler. Şäher şagalaňy barha artýardy.
Şäheriň orta gürpünde ýerleşen dört gat jaýyň ikinji gatyndaky balkonlaryň birinde ýaşy kyrky tegeläp ugran, ýöne näzik ýüzüne, hereketlerine seredeniňde welin, ýigrimi bäşden artyk

ýaş berip bolmajak görmegeý zenan maşgala durdy. Ol eglibräk, balkonyň gyra agajyna döşüni berip durşuna, sýrana çykan şäherdeşlerini gözügidijilik bilen synlaýardy. Şolara goşulyp, özüniň-de şatlanasy, ýaýnasy gelýärdi. Ýöne, nämüçindir, aýagy çekenokdy. Ol özüniň çökgün göwnüniň bu zatlardan teselli tapmajagyny bilýärdi. “Ýekelik ýaly ýaman zat ýok eken” diýip, ol içini gepledýärdi. “Köçä dagy bir özüň çykarsyň welin, hemmäniň gözi sendedir. Kimsi çagalydyr, kimsi ýoldaşly. Menden başga ýeke ýok ýaly, bary hem nazaryny menden sowup bilýän däldir. Indi men ömrüm ötýänçä, şeýdip ýeke geçmeli bormukam?” diýip oýlananda, ol hopugyp gitdi. Biri bogup barýan ýaly, ýakasyna elini ýetirdi. Birdenem otaga atylyp girdi. Gaýnap-gaýnap suwy azalan kitiri gaz plita ýakynjak goýlan stoluň üstüne alyp goýdy-da, gazyň gulagyny towlady. Işden ýaňy gelen-de bolsa, çaý hem içesi gelenokdy, işdäsi zadam alanokdy. Gaty göwnüçökgün halda özüni gapdaldaky oturgyja goýberdi. Misli, gerdenine bir agyr ýük goýlan dek, ýegşerilip, kellesini aşak egdi. Sag tirsegini dyzyna diräp, eliniň aýasyna eňegini goýdy. Oýa çümdi. Kän wagt geçirmän, kimdir biri gapynyň jaňyny basdy. Görmegeý zenan tisginip gitdi. “Kimkä? Bu wagt kim menk yzarlap gelip biler?” diýip oýlandy.

Gapynyň jaňy yzly-yzyna jyňňyrdap, öý eýesini gapa çagyrýardy. Ol gyssanmaç ýöräp, işige bardy. Açdy. Gapynyň aňyrsynda uzyn boýly, garaýagyzdan gelen tegelek ýüzi mähirli, tüm ýaly saçlary deňiz tolkunlaryny ýatladyp duran on ýedi-on sekiz ýaşlaryndaky ýigit durdy. Oňa gözi düşenden, öý eýesi içini çekip, arkan gaýyşdy.

–Hih…

Ýigit zol çigit çigitläp, töweregine tüfläp durşuna, şelaýyn söz urdy:

–Näme, daýza, gaty gorkaýdyňyzmy?

Ýigidiň bolşy ýeňles, terbiýesiz görünse-de, öý eýesi oňa hiç hili agramly söz diýmedi. Diýesi hem gelenokdy. Onuň gaşynda mundan ýigrimi ýyl ozal, özüniň ilkinji söýgüsini ogurlan, ýüregini bolsa ömürlik ýany bilen alyp giden Allamyrat durdy. Ýok, bu duran Allamyrat däldi. Ýöne Allamyrat bilen bir almany iki bölen ýaly meňzeşdi. Şasoltan eýýäm ýigrimi ýyl bäri Allamyrady görenokdy. Asla ondan habaram ýok. Belki, Allamyrat häzir ýigitliginden bütinleý üýtgändir, bir topar çaganyň atasy bolandyr. Şol wagt, Şasoltanyň yşkynda köýüp ýören

günleri welin, Allamyrat hem edil şu gapyda ýylgyryp duran ýigit ýaly ýaşdy, görmegeýdi. Boýy-syratam, gara gözlerem edil şu ýigit mysalydy. Ýöne Şasoltan hiç wagt onuň biedeplik edenini görmändi. Çigit çigitlemeg-ä beýlede dursun, hatda Allamyrat Şasoltanyň ýanynda köw-söw edip gezen dört ýylynyň içinde agzyna diş syntgamak üçin çöpjagaz-da almandy.
“Bu şoň oglumyka?’ diýen pikir kellesine gelende, Şasoltan begenmän durmady. Birdenem kalbyna gabanjaňlyk duýgusy aralaşdy. Öz söýen ýigidine şeýle goç ogly dogrup beren nätanyş zenana gözi gitdi.
Ýigidiň:
–Daýza, sen şeýdip uklap durjakmy ýa-da aljakmy habarymy?–diýen çasly sesi Şasoltany pikir derýasyndan çykardy. Ol ziňkildäp özüne geldi. Aljyraňňy gepledi:
–Aljak… Aljak…
–Alsaň bar-a, daýza…
Ýigidiň “daýza” diýen sözleri Şasoltanyň kalbyna köz oklaýardy. Kalbyny ýakymsyz duýgy gaplapdy. “Indi men muň üçin daýza boldummykam?” diýip, gaharly oýlandy. Soňam öz-özüni köşeşdirdi. “Daýza” diýýän bolsalar, çyndyr daýzalyga ýeteniň. Ölmän gezip ýörseň, ene-de diýerler, garry ene-de. Geziber şeýtdejik”.
Ol ýigidiň soňky sözlerini doly aňşyrmady. Şonuň üçinem utanmakdan ýaňa gyzarylyp, sag eliniň süýem barmagy bilen iki gaşynyň aralygyny dyrmalady.
–Sen näme üçin geldim diýdiň?–diýip, ýigitden sorady.
Muňa ýigidiň jany ýanan bora çemeli. Ol elindäki çigitlenmän galan üç-dört sany çigidi köýneginiň gapdal jübüsine saldy-da, ellerini döşüniň üstüne gowşurdy. Tüýs erkek kişiniň gülküsi bilen loh-lohlady.
–Be, daýza, kerm-aýt sen?!–diýip, jinnek ýaljagam sylag-hormatsyz gepledi.–Men-ä totuguş ýaly bir sagat bäri şol bir sözleri ýetmiş gezek gaýtalap sakyrdap durun. Senem uklaýaňmy ýa-da bilgeşländen edýäňmi… Beýdip güýmäp durma-how meni! Garaňky düşüp barýa. Kireýine jaý gözleýän men. Ýok bolsa, ýo diý. Gitjek. Seň öýüňden başga ýer gapyşan däldir ahyry. Ýöne diňlemediksirän bolup, altyna dönderdiň öýüňi…
–Wiý, jaý diýseňiz-läň…–diýip, Şasoltan öz Allamyradyna juda meňzeş (munuň Allamyradyň ogludygyna Şasoltan birjigem ikirjiňlenenokdy) ýigidiň göwnüne degenine gynanyp gepldi.–Şeý diýseňiz-läň. Jaý bar mende. Kireý bermeseňizem bor. Giriň-

giriň, näme dursuňyz beýdip!
Şasoltan içerik ýöräp ugrady.
–Aý, ýok–diýip, Şasoltanyň ökjesini sydyrdyp, ellerini jübüsine sokup barýan ýigit saldamly gepledi.–Kireýsiz-ä ýaşaman seň jaýyňda, daýza. Är dek durup bererin kireýiňi. Men, hol, kireý tölemeli wagty gelse, hojaýynyna duýdurman, gaçyp gidýän studentlerden däldirin.
–Be, şeýdýän studentlerem barmyka?–diýip, Şasoltan gürrüňe ýol açylanyna begendi.
–Hawa, bar. Meň bir dostumyň agasy tä instituty tamamlaýança ýaşapdyr şeýdip.
–Ýalan gürrüň bolaýmasa.
–Öwülýä jan kessin!
–Ine, şuny saňa berýän!–diýip, Şasoltan günbatar burçdaky, gapysy beýleki otaglardan aýry otagy görkezdi.–Özbaşyňa girip-çyksaň, gowy bor. O beýleki jaýlara biri-biriniň içinden geçmeli. Näçenji kurs sen?
–Wah, eddil ýaňyja girdim-le, daýza jan! Näçenji-päçenji zat ýok-la. Şu ýyl mekdep partasyndan turup gaýtdym. Gelşime-de giräýdim. Nesip etse, ýene bäşje ýyldan matematika mugallymynyň diplomyny goltugymyza gysyp, ökjäni götäris bu ýerden.
–Gumamy?–diýenini Şasoltanyň özem duýman galdy. Sebäbi onuň Allamyrady giden wagty “guma işe gidýän” diýip gidipdi. “Bu şoň ogly bolsa-ha, gumdandyr” diýip pikir edensoň, ol sesini çykarman, ýigidiň jogabyna garaşdy. Ýigit ony kän garaşdyrmady hem.
–Ýok-la! Gumda nä körüm barmyş meň! Öz dogduk obama, Pendi sährasyna giderin men.
–Seň kakaň ady Allamyratmy?–Şasoltan öz sözlerine geň galyp, gözlerini tegeleýän ýigidi köşeşdirmek niýeti bilen dowam etdi.–Äý, bir tanşyma meňzeş göremsoň, soraýdym.
Ýaş ýigit gös-göni durup, sag eliniň barmaklaryny gaşynyň ýanyna ýetirdi. Ýylgyrdy:
–Men Annaguly Allagulyýew. Kakamyň ady bolsa Gurbanguly, ýoldaş hojaýyn. Familiýam atamyň adyna. Düşünmeýän zadyňyz bolsa, ýene düşündirmäge rugsat ediň. Özüňizem beriň soragyňyzy. Ýöne basymrak bolmagyňyzy haýyş edýän. Howlugýan men.
Garagol ýigidiň bolşuna Şasoltan jakgyldap güldi. Onuň şeýdip tüýs ýürekden gülmänine näçe ýyllar geçipdi. Ol ýeke galaly

bäri şol içini hümleder ýörerdi. Käte bir güläýmeli zada-da ýylgyryp oňaýýardy.
Garagol ýigit Şasoltanyň bir otagyna göçüp geldi. Şeýdibem, Şasoltanyň gülküli günleri-de köpledi, aladasy-da. Ol indi boş wagtlaryny balkonda durup däl-de, hysyrdanyp geçirerdi. Özüniň ilki söýgüsine juda meňzeş ýigide jany-teni bilen hyzmat etmek isleýärdi. Ol işden gelenden, biş-düş bilen bolardy. Annagula süýjüden-süýji naharlar taýýarlardy. Ýigidiň eşiklerini ýuwup-sererdi. Otagyny tertipleşdirerdi. Irdenem işe gitmänkä, tä okuwa gidýänçä, wagtyny uklap geçirýän ýigit üçi täzeje nahar taýýarlap giderdi. Aý-gün geçip durdy. Annaguly hem özüne şeýle mylakatly hyzmat edýän hojaýynyny diýseň hormatlaýardy. Soňky wagtlar ol hem bu mylakatly zenana nämedir bir gowulyk etmegiň pikiri bilen ýaşap başlady. Uklaýan wagtyny azaltdy. Iýen jamyny ýuwup goýdy. Şasoltan ýetişmedik günleri öýi ýygnaşdyrýardy. Dynç günleri kino-beýleki diýip entemesini-de goýdy. Şasoltana kömekleşdi. Kartoşka-da arassalaşdy, polam ýuwdy. Şasoltan Annagula pol ýuwulýan bedre-de bermezdi, kartoşka arassalamak üçin pyçagam. “Özüm ederin” diýip, ýigidiň daşynda hozanakdy. Ýöne Annaguly hem oňa ýan bermezdi. Kömekleşmek bilen bolar ýörerdi. Garaz, bu iki ynsan ýüregi biri-birine şeýle bir imrikdi welin, hatda soňabaka biri öýde ýok bolsa ýa-da gijräk gelse, beýlekisiniň içi gysyp, nahar bilenem küýi bolmazdy.
Annaguly ýylsaýyn ýarsýardy. Boýy-syraty ýetilýärdi. Şasoltan hem ýekelik derdinden saplanansoň, öňküsindenem has juwanlaşan ýalydy. Ol her gün reňkdir-pudr bilenem, üns çekiji eşikler bilenem özüne timar berme kemini goýanokdy. Oňa häzir kyrk üçi tegeläp ýör diýseler, hiç kim ynanjak däldi. Ol diýseň eýjejikdi. Ünsüňi çekýärdi.
Annagulynyň dördünji kursda okap ýören ýylynyň bir günüdi. Güýzüň sowuk şemaly gyşyň ýetip gelýäninden habar berýärdi. Gijelerine güýz ýagşy äpişgäni kakýardy. Gün batar uçurlary okuwdan dolanan Annagulynyň goltugynda kagyza dolangy bir uly zat bardy. Ol kagyza dolangy zady bolýan jaýyna alyp barşyna Şasoltana ýüzlendi:
—Daýza! Şu gün palaw bişirgin! Eşidýäňmi! Süýji palaw!
—Näme myhman geljekmi?—diýip, Şasoltan aşhanada hysyrdanyp ýören ýerinden gygyrdy.—Bal ýaly çorba bişirip durun men. Aý, saňa gerek bolsa, palawam bişireris.
—Myhmana geljek däl, daýza! Çorba-da bolsun, ýöne palawam

bişir. Sebäbini bolsa, naharyň taýýar bolanda aýdaryn. Ikisi iki ýerden işe girişdiler. Şasoltan ýagyny ýakyp, etini gowurýança, Annaguly oňa käşirdir sogany taýýarlap berdi. Saçagyň üstüne bir çüýşe şampan bilen bir çüýşe aragy getirensoň, sowgat getiren ullakan ak aýy oýnawajyny Şasoltana gowşurdy.

—Şu gün doglan günüň ahyry, daýza. Sen bolsa meni ekläp-saklajak bolup, şonam unudypsyň.

Şasoltan jak-jaklap, maňlaýyna şapylatdy.

—Huşum gursun! Sen nireden bilip ýörsüň ony?!

—Pasportyňy gördüm.

Ikijigi gyzyl-gyran bolşup, saçak başyna bile çökdüler. Palawdyr çorba orta alyndy. Her çüýşeden ýekeje bulgur guýuldy. Şondan aňryk geçilmedi. Saçak ýygnalansoň, magnitafon açyldy. Magnitafonda “Aýralyk mukamy” çalynýardy. Dutaryň zaryn owazy kalbyňa ornap, ýürekleri lerzana getirýärdi.

Içgi juda az içilenem bolsa, öýdäki iki ynsanyňam ýüzleri gül öwüsdi. Annagulynyň ýanyp duran gözleri, Şasoltanyň göwnüne bolmasa, diňe özüne bakýan ýalydy. Şasoltanyň bolsa ýaňaklary gyrmyzy öwüsýärdi. Ol uýaljyrap oturyşyna, erkek adamyň nazaryndan sypmak isleýärdi.

—Siziň maşgala-çagaňyz ýokmy?—diýip, Annaguly söz açdy. Onuň sesi birhili sandyraýan ýalydy. Nämedir bir zada tolgunýana meňzeýärdi. Şasoltanyň gaşlarynyň çytylýanyny görübem, ol gepi başga ýana sowmak isledi.—Magnitafonyňyzdaky sazlaryň bary halk sazlary welin, sizem meň ýaly halk mukamlaryny gowy görýäňiz öýdýän.

—Maňa daýza diýme, Annaguly—diýip, Şasoltan zor edip, garaşylmadyk sözi orta atdy. Özüne şu çaka çenli ejir berip gelen sözden dynmak isledi.—Haýyş edýän… Meniň maşgalam ýok, çagamam. Durmuşa çykmadyk gyzda maşgala bolýarmy näme!—Soňam ol has pessaý gepledi. Özem barha suslanýardy.—Ejem-kakam dünýeden ötdi. Oglan doganym bardy. Wraç. Gelnejemem wraç. Olaryň ikisem işlemek üçin başga şähere gitdiler. Işe çagyrdylar. Menem, şeýdip, ýeke ýaşap ýörün.

Şasoltanyň sözleri Annagulyny serpmeden gaýdana dönderdi. Ýigit oňa seretdigiçe, özüniň “daýza” diýip ýöreniniň barha juwanlaşyp, bir eýjejik, çepiksije gyza öwrülip barýanyny duýdy. Asyl, onuň gözleriniň mähir uçgunlaryny diýsene! Şol uçgunlaryň biri Şasoltanyň gözlerinden gaýagada, Annagulynyň ýüregine düşen ýaly boldy. Ýigit ol gözleriň, bu mylakatly we

owadan gyzyň gabadynda oturmaga barha takadyny ýitirýärdi. Onuň bilen üç ýyldanam gowrak wagt bäri bir öýden girip-çykyp, bir supradan tagam iýip gelenine şu wagt utandy. “Özümi biedep alyp baran wagtym boldumyka?” diýip, howsala düşdi. Özüniň näme edýäninem bilmän, sowutgyja goýlan arak çüýşäni yzyna alyp geldi. Rýumkany dolduryp başyna çekdi. Soňam ellerini sandyradyp, çilim otlandy.

—Bagyşla, Şasoltan… tüsselemesem…

Ol öz sesini-de tanamady. Magnitofon ajaýyp mukamlary yzly-yzyna ýaňlandyrýardy. Şasoltan gabat-garşysynda magnitofonyň ýuwaşja aýlanyp duran lentasyna seredip oturan-da bolsa, gapdalynda oturyp, aldygyna çilim çekýän ýigidiň nazarynyň diňe özünedigini, onuň ňzüni juda ýiti synlaýandygyny duýýardy. Häzir ol gapdalyndaky ýigidiň, öz hojaýynynyň kyrk üç ýaşap (pasportyny gören bolsa, Annagulynyň öz ýaşy barada bilýändigine Şasoltan doly ynanýardy) näme üçin durmuşa çykman gezendigi hakda oýlanýandygyny-da duýýardy.

Şasoltan aşgabatly gyzlaryň naýbaşy, ýigitleriň bolsa arzuwydy. Tikin fabrigine işe gidip gelýänçä, oňa söz aýtmagy niýet edinip, yzyna düşüp gaýdýan ýigitler günüň-güni köpelýämese, azalanokdy. Buýralanan gara zülpli, pökgüje dodakly, owadan gara gözli bu gözelden hiç bir ýigit hoş habar alyp bilmezdi. Gyz “içiň ýansyn” diýýän ýaly, birsyhly ýylgyryp gelşine, gapdalynda lak atyp gelýän ýigitlere nazaryny-da aýlamazdy. Badyhowady. Ol sataşýan ýigitleriň hijisinem özüne mynasyp görmezdi

Diňe bir ýigit, uniwersitetiň matematika fakultetiniň studenti Allamyrat onuň kalbynda harasat gopdurypdy. Hatda gyz bu ýigide özüniň synynyň oturýandygy barada bütin maşgalanyň arasynda dil hem ýardy. Hiç kim oňa garşy çykmady. Maşgala agzalarynyň ählisi—ene-ata-da, gelnejedir dogan-da oňa diňe ak bagty arzuw etdiler. Ol Allmyrat bilen her gün görşerdi. Ýöne edepsizlik ara düşmezdi. Ýigit her gün gyzy iş ýerinden öýüne çenli ugradardy. Dynç günleri bolsa gelip, diňe aýak üstünden saglygyny sorap giderdi. Ol gyzyň barmajygyndan-da tutmazdy. Käbir aşyk-magşuklaryň şapba-da-şupbasy bu juwanlara ýatdy. Olarda hakyky söýgi bardy! Ýöne Allamyradyň guma işe ugramagyny Şasoltan halamady. Şäherli gyz öz şäherinde galmak üçin söýgüden el çekdi. Şäherinden, şäheriň owadan köçelerinden jyda düşmejek bolup, mähri alan ýigidini ömürlik ýitirmäge razy boldy. Allamyrat gitdi. Özelenipler ýalbarsa-

da, şäherli gyzy guma gitmäge yryp bilmän gitdi. Hatda ol iň soňky gün gelende, “Soň ökünersiň, Şasoltan, şäher tapdyrar, ýöne ilkinji söýgi tapdyrmaz!” diýipdi. Özem şol pursatda onuň göz owalaryna ýaşam aýlanypdy.
Yzyna ser-sepil bolup düşýän ýigitler birbada aýralygyň yzasyny duýdurmadylar. Ol hiç kime per bermese-de, özüni ýigitleriň söýýänligini duýmagyň buýsançly duýgusyna başyny aýladypdy. Olaryňam kimsini özüne mynasyp görmedi, kimsi ene-atasyny taşlap, owadan gyz üçin şäherde ýaşamak islemedi. Şasoltan bolsa şäheri taşlap, öläýse-de, oba gitmekçi däldi.
Diňe ýyllar Şasoltanyň belent göwnüni peseltdi. Diňe wagt onuň edýän pikiriniň telekdigini subut etdi. Ýaşy geçdigisaýy gyzyň daşyndaky ýigitler azaldy. Şasoltanyň töweregi bazary sowlan meýdan ýaly çolaryp galdy. Otuzdan geçensoň bolsa, ýigitleriň hiç birem oňa söz aýtmaga hyýallanmady. Diňe şondan soň Allamyrat ýadyna düşüp, onuň kalbyny mäjumlap başlapdy. Ol şondan bäri diňe Allamyradyň ady, söýgüli ýigidi baradaky ýatlamalar bilen ýaşaýardy. Göwnüne bolmasa, haýsydyr bir goňşusy “Seni daşarda biri çagyrýa” diýip, Allamyradyň gelenini buşlaýjak ýaly bolar durardy.
…Kimdir biriniň ýyly demi Şasoltany özüne getirdi. Annaguly emaý bilen garry gyzyň elini eline aldy.
–Näme oýa batdyň, Şasoltan?!
Şasoltanyň elinden şu, kyrk üç ýaşynyň içinde ilkinji gezek erkek adamyň eli tutdy. Ýüzüne ilkinji gezek erkek adamyň demi çabrady. Ol şeýle bir aljyrady welin, näme etjeginem bilenokdy. Ýüregi agzyndan çykjak bolup bökýärdi. Misli sanýetmez garynja goýberilen ýaly, endamy jümşüldeýärdi. Ýigidiň gözleri bolsa içinden geçip gelýärdi. Çüýşe durşy bilen boşapdy. Annaguly birden gyzyň iki elindenem tutdy-da, onuň aýalaryna ýüzüni berdi. Şasoltanyň öňünde dyza çökdi…
–Soltan…
Şasoltan birden özüne geldi. “Bolup oturyşym nähili meň?” diýip, içini gepletdi. “Wagtynda biriniň üstüne garamatymy atan bolsam, edil şuň ýaly oglum bordy ahyry meň. Utan, Şasoltan, utan!” Ol silkinip ýerinden turdy:
–Bolşuä nähili seň, Annaguly… Ýok bol jaýyňa!–diýip, gaharly pyşyrdady.–Aýyp dälmidir ejeň ýaly adama…
Annaguly ony bir çekende ýerinde oturtdy. Çepiksije göwre ýigidiň gujagyna düşdi:
–Men seň adamyň ýoguny bilýädim–diýip, ol pyşyrdady.–Ýöne

aýrylyşansyň öýdýädim. Seniň mähremligiň, mylakatlylygyň bendi edipdi meni, Soltan! Ýaşyň uly bolanda näme. Maňa geçen ýyl umumy ýaşaýyş jaýyndan otagam berdiler. Ýöne, nämüçindir, senden daşlaşyp gidesim gelmedi. Gyzlara-da nazar aýlamok men. Sen ýadyma düşüp dursuň. Sen durmuşa çykyp, aýrylyşanama bolsaň, öňde-soňda söz aýdardym saňa. Sen kyrk ýaşla bütinleý meňzäňok, Soltan! Saňa ýigrimi bäşden artyk ýaş berer ýaly däl-ä…
Şasoltan eýdip-beýdip, ýigidiň gujagyndan sypyp, öz bolýan otagyna kürsäp urdy. Gapyny berk ýapybam, ýüzüni ýassyga berdi. Daň atýança, gözýaş dökdi. Ýöne ol özüniň begenip aglaýanyny-da, gynanyp aglaýanyny-da bilenokdy.
Şasoltan Annagulynyň sözlerini serhoşlyk samramasydyr öýtdi. Ýöne ýigidiň çynydy. Elmydama uklap, Şasoltanyň işe gideninem duýmaýan ýigit ertesi gün gyz bilen deň turdy. Çaý oturdyp duran çepiksije Şasoltany gujaklap, ýene özüne çekdi.
–Isleseň, şu gün toý edeli. Ömrüňi şeýdip geçirmersiň ahyry!
Garaz, ol gyzy yrmagy başardy. Dynç günleriniň birinde goňşy-golam ýygnalyp, kiçijik toý tutuldy. Bir ýyla golaý wagt geçmänkä bolsa, Şasoltan Annagula şar gara saçlyja ogul dogrup berdi. Çaga Annagulynyň keýpini götermedi. Gaýtam, jägildäp ýatan gyzyleteneje zady gördügi Annagulynyň ýüregi mäjumlanýan ýaly bolýardy. Kalbyna bir ýakymsyz duýgy aralaşyp, kimdir birinden utanyp, ýere girip barýana dönerdi. Çagasy bolansoň, Şasoltanyň öňki gyz ýüzünden derek galmady. Ol ýigrimi ýyllap golaýyna-da getirmedik garrylygyna bir ýylda üstüni basdyrdy. Uçursyz ýarsdy. Ýüzleri ýygyrt-ýygyrt bolup, dolmuş bir garry aýala öwrüldi oturyberdi. Ol Annagulyny öňküsindenen beter gowy görýärdi. Oňa öňküdenem beter süýji naharlar taýýarlaýardy. Dili öňküdenem beter süýjäpdi.
Diplom alanyna bir hepde geçensoň, Annaguly öýden gürüm-jürüm boldy. Şasoltan bäş gün garaşsa-da, on gün garaşsa-da, derek bolmady. Bir aý geçdi, Annaguly dolanmady. Bir günem gijöýlänler poçtalýon oňa bir bukja gowşuryp gitdi. Hatda şeýle setirler bardy: “Meni bagyşla, Şasoltan! Eden hyzmatlaryň üçin men seniň öňüňde ömürlik bergili. Ýöne mundan bu ýana seň bilen ýaşaşmaga ýüregim edenok. Şonuň üçinem gözlejegem bolma. Haýry degmez. Bolan zatlaryň bary ýaşlygyň ýelgininiň oýny eken. Men muňa diňe çagam bolansoň düşündim. Pikir edip gör, sen-ä basym kyrk bäş ýaşaýaň. Soň bäş ýyl geçerem welin, elli… Men bolsa ýaňy durmuşyň çetinden giren

juwan. Bu zatlardan soň düşündiriş gerek dälmikä diýýän. Ogluňy ulaltmaga kömek ederin. Pul iberip duraryn. Diňe bile ýaşaly diýmeseň bolýa. Annaguly”.
Hat Şasoltany hopukdyrdy. Dünýe üstüne gaýdana döndi. “Indi men şu ýaşa çenli abraýymy saklap oturyp, “ärden aýrylyşan”diýen ýaramaz ady ýoldaş edinmeli boldummy?!” diýip içini hümletdigiçe aýylganç pikirler beýnä agram salyp başlady. “Şeýle ada galandan öleniň gowy dälmidir!”. Ol janhowluna ylgap baryp, penjiräni açdy. Boglup barýardy. Aglamak isledi. Aglabam bilmedi. Daşaryk seretdi. Aşgabatlylar köçede gezim edýärdiler. “Men ýene şolaryň arasyna baryp bilmen. Indi olaryň köpüsi meni tanaýar. Olar meni görenden, “hana, ärinden aýrylan aýal” diýşip, biri-birlerine meni görkezerler. Ýok… Beýdip ýaşandan… Sen, ykbal, öňde-soňda bagt bermediň maňa…”
Ykbal Şasoltana bagt beripdi. Ýöne göwnüňi bagtdan ýokary tutup gezseň, bagtly günler hem mydama adamyň ýanyny alyp duranok ahyry! Ol bagty öň özüniň owadanlygy bilen ürküzipdi. Bu gezek bolsa bagt onuň garrylygyndan ürkdi…
Şasoltan aşak seretdi. “Özümi ýere oklaýsammykam… Şeýtsem-ä, dynardym…” diýip oýlandy.
Kimdir biri onuň eteginden çekdi. Ol tisginip, yzyna ýaltaklady. Ýaňyja goşa dişjagazy görnen eýjejik adamjyk ejesine tarap owsun atýardy. Ejesiniň köýneginden ýapyşyp, ýerinden galmaga synanyşýardy. Birdenem, ellerini çarpyp jykyrdaýardy.
Ol birden özüne gelip, balasyny alyp, bagryna basdy. Çaganyň ýüz-gözünden ogşady. Ony gujagynda kese ýatyryp, onuň tolkuny ýatladyp duran gara saçlaryny sypalady. Enäniň gözýaşlary çagajygyň ýaňaklaryna damýardy.
Ol diňe şu wagt özüniň bagtsyzlygy üçinem, çagajygyň atasyz ulaljagy üçinem diňe özüniň günäkärdigine göz ýetiripdi. Diňe öz bähbidiň üçin ýaşamagyň hiç wagt hem bagtyň üstünden eltmeýändigine ol diňe şu wagt düşünýärdi.
Ogulsenem TAŇŇYÝEWA.

Surat: Polat Garryýew / «Bagtly maşgala» Hekaýalar